# Sumbar akýar

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 26 января, 2025
Sumbar akýar SUMBAR AKÝAR




***Şahyr Allaýar Çüriýewe***
Misli dag içine çekilen gaýma,
Içseň, ýokdur, melhem suwundan ganma.
Gör, niçeler bol suwyna intizar.
Gör, niçe göz kenaryna bakyp dur,
Sumbar akyp dur.

Ýetişmek hyýaly obadan – oba,
Uzadyp gollaryn gör, näçe ýaba.
Durmuşyň görküni özünde görýär.
Şol sebäpden haýdap ýollar söküp dur,
Sumbar akyp dur.

Bar islegi teşneligi gandyrmak,
Bal suwundan ynsy-jynsy dadyrmak.
Bag-bossany, gözelligi küýseýär.
Süri-süri maly suwa ýakyp dur,

Sumbar akyp dur.

Kiçelse-de, güýjüm kemýä -diýenok,
Gökde bulut meger, muny duýanok.
Teşneligi aýdym-saza güýmeýär.
Günem nurun oň üstüne döküp dur,
Sumbar akyp dur.

Yhlas edýär, joşup akýar ýadaman,
Gülzarlyk döredýär, toprak dannaman.
Yhlasyna tamakynam däl zada.
Aýlar aýlanyp dur, günler batyp dur,
Şol bir pespälligi,
Sumbar akyp dur.

2019 ý.

## ***A.Çüriýewiň gülkili gürrüňlerinden***

Ýokary okuwa ýerleşdirilen,
Gurplyň zordan 10-y gutaran ogly.
Garaşyp dur oňa Hukuk bölümi,
Owadan binaly, gür bagly howly.

Geňirgenen garry atasy soran:
-Nesip bi, okuwyň nä kär bermeli?!
Aňlaýşyça jogap beren agtygam:
“Aý, Süýtde ablokat bolup ýörmeli”.

2022 ý Goşgular